***Daşkentde GDA ýurtlary üçin möhüm waka boldy: Daşkent 2024-nji ýylyň Ýaşlar paýtagty statusyny Azerbaýjanyň Gabala şäherine berdi. Bu barada Arkalaşygyň Ýerine ýetiriji komitetiniň metbugat gullugy habar berdi.***

Dabaraly çärä GDA Ýerine ýetiriji komitetiniň Syýasy, ynsanperwer we durmuş hyzmatdaşlygy departamentiniň başlygynyň orunbasary Halmyrat Raşidow gatnaşdy. Ol Özbegistana işjeň goldawy üçin minnetdarlyk bildirdi we taslama gatnaşyjylara şahadatnamalary gowşurdy.

Çäräniň esasy bölegi GDA ýurtlaryndan bu hereketiň liderlerini jemlän Halkara meýletinçiler forumy boldy. Çäräniň çäklerinde sebitde meýletinçilik işleriniň sergisi guraldy we Merkezi Aziýada meýletinçiler barada BMG-niň ilkinji syny görkezildi.

“GDA-nyň ýaşlar paýtagty” taslamasy 2022-nji ýylda başlandy. 2026-njy ýylda bu statusyň Ermenistanyň Kapan şäherine berilmegi meýilleşdirilýär.

Все права защищены